Çagalar üçin Mukaddes Kitaby

hödürleýär

# Adamyň gaýgysynyň başlangyjy



Ýazan: Edward Hughes

Şekillendiren: Byron Unger; Lazarus Alastair Paterson

Adaptirlenen: M. Maillot; Tammy S.

Terjime eden: Christian Lingua

Alyp baran: Bible for Children
www.M1914.org

©2020 Bible for Children, Inc.
Ygtyýarnama: Siziň bu hekaýany nusga almana we çap etmäne hukugyňyz bardyr, ýöne satuw üçin däl.


Hudaý hemme zady döretdi!
Haçanda Hudaý birinji Adam-atany
döredende, ol Ereminň bagynda
How-ene bilen ýaşaýardy. Olar
Hudaýa iman etmäne örän
bagtlydylar, Onuň bilen
bile durmuşyň lezzetini alyp
ýaşaýadylar,
ýöne günlerde
bir gün ...



Ýylan How-eneden: “Dogrudanam, Hudaý size bagdaky agaçlaryň hiç birinden iýmäň diýdimi?” diýip sorady. “Bagdaky agaçlaryň miwelerinden iýmäge biziň ygtyýarymyz bar, diňe birinden başga”.



“Şol agajyň miwesini iýmelem we ellemelem däl, egerde elimiz degse biz öleris”. “Ýok, ýok siz ölmersiňiz” ýylan gülümsiräp aýtdy. “Sen edil Hudaý ýalak bolarsyň”. How-ene şol agajyň miwesinden dadyp görmek isledi. Ol ýylanyň gepine gidip agajyň miwesinden datdy.

Hudaýyň emrinden geçen
How-ene, agajyň miwesini
Adam-atada dadyrmana
getirdi. Adam-ata
bolsa “Ýok! Men
Hudaýyň
Sözünden
geçmerin”
diýmelidi.





Adam-ata
bilen How-enäniň gözleri açyldy we özleriniň ýalaňaçdyklaryny bildiler. Olar injir agajynyň ýapraklaryny biri-birine birleşdirip, özlerine örtgi edindiler we bagdaky agaçlaryň arasynda Onuň huzuryndan gizlendiler.

Salkyn aralaşanda Hudaýymyz Rebbimiz baga geldi. Ol Adam-atanyň we How-enäniň eden işlerini bilýärdi. Adam-ata How-enäni günäkärledi. How-ene bolsa ýylany. Hudaý ýylany gargyşlady. Aýalada bolsa “agry bugrgy bilen çagalaryň bolar” diýdi. “Adam-ata, seniň eden işiň sebäpli, Men topragy näletländirin. Sen toprakdan ömürboýy muşakgatlyk bilen iýmitlenersiň.





Hudaý Adam-atany we How-enäni bagdan kowdy. Çünki olar günä iş etdiler we şeydip olar Hudaýymyz Rebbimiziň huzuryndan aýryldylar!



Hudaý bagy goramak üçin aýlanyp duran ýalynly gylyjy goýdy. Hudaý Adam-ata we How-ene üçin deriden eşikleri döretdi. Hudaý derini nädip döretdi diýen sorag ýüze çykp biler?

Wagtyň geçmegi bilen Adam-ata bilen How-ene maşgala boldular. Olaryň birinji çagasy, Kabyl, dünýä indi we ol daýhan bolup ýetişdi. Olaryň ikinji ogullary, Habyl, bolsa goýun çopany bolup ýetişdi.



Birnäçe wagtdan soň Kabyl topragyň miwesinden Rebbe sadaka getirdi. Habyl hem öz sürüsiniň ilkinji doglanlarynyň semizlerinden Rebbe sadaka getirdi.

Reb Habyly we onuň sadakasyny kabul etdi.



Emma Reb Kabyly we onuň sadakasyny kabul etmedi. Kabylyň muňa gaty gahary gelip, ýüzüni sallady. Hudaý “Eger sen dogry iş etseň, kabul edilmezmiň näme?” diýdi.



Kabylyň gahary gitmedi. Birnäçe wagtdan soň ol Habyla meýdanda üstüne topulyp ony öldürdi.



Reb Kabyldan: “Doganyň Habyl nirede?” diýip sorady.  Ol: “Habarym ýok” diyip aldady.  “Men näme doganymyň sakçysymy?” diýdi.  Hudaý Kabylyň näçe jan çekseň-de, ýer oňa hasyl bermez ýalak we, onuň ýer ýüzünde gaçgak hem sergezdan bolar ýalak jezalandyrdy.



Soňra Kabyl Rebbiň huzuryndan gitdi. Ol Adam-atanyň we How-enäniň gyzyna öýlendi we maşgala gurdy. Tiz wagtdan Kabylyň agtyklary we ýuwlyklary bütin bir şäheri doldurdylar.



Oňa seretmezden, Adam-ata bilen How-enäniň maşgalasy çalt ulalýady. Ol wagtlar adamlar hem kän ýaşaýar ekenler.



Haçanda onuň ogly Şis dogulanda, How-ene “Hudaý mana Şisi Habylyň ornuna berdi” diýdi.  Şis dindar adamdy, onuň kän çagalary bolup we 912 ýyl ýaşady.




Reb bütin dünýädäki adamzadyň
betpälliginiň juda çökderdigini, olaryň
kalbyndaky oý-pikirleriniň we
niýetleriniň hemişe pislikden
doludygyny gördi.  Hudaý
adamzady ýok etmek
kararyna geldi ...

... haýwanlar, süýrenijiler we guşlar bilen birlikde. Hudaý adamzady döredenine ökündi. Ýöne ýekeje adam Hudaýyň nazaryndan merhemet tapdy ...



Ol adamam Nuhdy. Şisyň neslinden bolan Nuh dogruçyl hem takwa adamdy. Ol Hudaýyň huzurynda gezdi. Ol hemde öz üç ogluna hem Hudaýyň huzurynda gezmelidigi barada nesihat berýärdi. We Hudaý Nuhy öz üýtgeşik planlanyna görä ulanmak isledi.



Adamyň gaýgysynyň başlangyjy

Hekaýa Hudaýyň Sözi, Mukaddes Kitap barada,

ýerleşýän yeri

Gelip çykyş 3-6

“Siziň girizmä  salan Sözleriňiz ýagtylyk şöhlesi ýalydyr.”  Zebur 119:130


Soňy

Bu Mukaddes Kitabynyň taryhy bize gudratly
Hudaýymyz barada, bizi döredenligi barada we biziňem
Ol hakynda bilmegimizi isleýänligi hakynda aýdyp berýär.

Hudaýjan biziň ýaman işleri etýänligimizi bilýär we oňa günä diýip at berýär. Günäniň jezasy ölümdir, ýöne Huday bizi nahili güýçli söýýär, Ol Öz yeke-täk ogluny, Isany, haçda ölmek üçin we biziň eden günälerimizi saplamak üçin dünýä indirýär. Ölümden soň, Isa (Iisus) ýenede direlip we öz öýüne, Jennede gaýdyp barýar. Egerde siz Isa iman etýän bolsaňyz we Ondan günäňizi geçmegini dileýän bolsaňyz, Ol ony hökman eder! Ol geler we siz bilen siziň durmuşyňyzda ýaşar we siz hem Ol bilen baky ömürlik ýaşarsyňyz.

Eger siz bu hakykada ynanýan bolsaňyz, onda o hakynda Hudaýa şeýle ýüzleniň: Eziz Isa, Senin Hudaýlygyňa we Seniň adam bolup meniň günälerimi saplanyňy we häzir Sen ýenede diri ýaşaýanlygyňa ynanýan. Haýyş, meniň durmuşyma gir we meniň Seniň bilen täze durmuşa başlamagym üçin we bir gün Seniň bilen baky ömürlik bile bolmak üçin meniň günälerimi geç. Maňa Seniň sözüňe boýun bolmana we Seniň perzendiň ýalak bolup ýaşamana kömek et. Omyn.

Mukaddes Kitaby okaň we Hudaý bilen gürleşiň. Ýohanna 3:16
Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk
Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk
bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.